# Pyragy -5/ romanyñ dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pyragy -5/ romanyñ dowamy 5.

Çowduryň syrgyny Hajygowşanyň ilerisindi. Bu syrgyn metjidiň ýanyndanam, Adynageldi hanyň öýüniň ýeňsesindäki belentdenem görnüp baranokdy. Sebäbi bu syrgyn obanyň ilersinde kese ýatan depäniň önündäki çöketde ýerleşýärdi. Bu syrgynyň beýleki syrgynlardan tapawudy bardy. Olam syrgynyň öňüni äpet-äpet söwütler seteran tutup durdy. Söwütleriň aňyrsam öleňlikdi. Bu syrgynyň beýle görnüşiniň sebäbi, syrgynyň ýokary başyndaky çeşmedi. Ol şo-ol Ýonaçy çeşmedi. Ony Garry mollanyň dädesi Magtymguly ýonaçy şu metjidi salan ýyly gazypmyşyn diýýärler.
«Bir gün ol kerpiç urup otyrka atanlykda kepjesiniň sapyny döwüpdir, onam çeşmäniň ugruna sünjüpdir. Soňdanam bir söwüt gögeripdir. Söwütdenem şu söwütler gögeripdir» diýen gürrüňem bardy.
Şu öleniň aýagujunda Çowduryň az-owlak ekinem bardy. Ýöne bu salkyn öleniň hezilligi başga zatdady. Bu ýeri sülgünleriň, käkilikleriň mesgenidi. Säherler bu ýer misli dürli guşlaryň meýlishanasyna dönýärdi. Hiç kimden garaw görmedik janawarlar bu ýeri özlerine mesgen edinipdirler. Arada bolsa bir topar jojugyny yzyna tirkäp barýan mekejinem görüpdirler.
Çowdur ine, şu zatlaryň pikirini edip, iň öňden barýardy. Birdenem uly güpürdä ziňk edip özüne geldi. Yzyndakylaram saklanypdylar. Sebäbi olaryň aýagynyň astyndan bir sülgün jadyly ot ýaly bolup göge göterilipdi.
— Bu öleňe indi döwran dolandy. Öň, bir wagt bu ýerde Adynageldi onbeginiň atasynyň goýun çeperisi bardy. Dedem pahyr çeşme çykaransoň baýlar oňa «pylan-pyssiganam» diýipdirler. Emma dedem pahyr gulagam asmandyr. Soňdan soň bu ýerden ot-çöp galyp ugrady. Onsoň dedem, gel men şu öleňe ak-gök ekeýinem diýdi. Ýöne şu baýlaryň gyýgyny ajy gördi, pahyr. Gör, indi bu ýerler jeňňel bolup barýa…
Hiç kimden ses çykmady. Çünki olar Çowduryň oraçasyna golaý

gelipdiler.
Çowdur ýodajykdan birýana sowlup, ýaşululara ýol berdi. Garry molla az-kem bükülen biline goly bilen söýget berip barýardy. Nyýazsalyh molla misli piriniň öňünde hasabat bermäge gelen sopy ýaly, uzyn donunyň ýakasyndan elleri bilen mäkäm tutup, ýere garap öz maýdalyna ýöreýärdi. Öwez aga welin misli barmasyz ýere barýan ýaly, häziriň özünde garşysyndan biri çykyp, «sen nirä barýaň, gaýt yzyňa?!» diýläýjek ýaly bolup, göwünsizlik bilen gadam urýardy. Çowdur onuň beýle göwnüçökgünligine düşünmedi.
Bu günki Öwez aga hemişe toýda, ýasda görlen adama asla meňzemeýärdi.
Garry molla söwüdiň aşagynda saklandy. Oraçanyň öňündäki söwüdiň asty syrylyp-suwlanyp, soňam keçe ýazylypdy. Ondan bir tanyş owaz gelýärdi.

Jygaly beg öwüt-öwüt,
Duşman gelse etgin söwüş…

Bu owaz Garry mollanyň süňňüni lagşatdy. Balaja bagşy aýdym aýdýardy. Garry mollanyň göwnüne bolmasa, ol Balaja bagşy bolman, şonuň sypatyna giren Abdylla ýalydy.
Ýaşulynyň sü—üne ýaýran galpyldy Çowduryňam ýülügine ornady. Ol «häk» diýip, ahmyr bilen başyny ýaýkady. Ýaşuly bili maýrylan çynar ýaly yranyp-yranyp gitdi.
Keçeleriň üstünde ýaýbaňdan ýaýran myhmanlar dikelip, özlerini ýygnap oturdylar. Soňam ýerlerinden turdular. Adynageldi han bu gün şahandaz, ýeňles görünýärdi. Gündogdy hanyň ýüzünde agşamky ýadawlykdan nam-nyşan galmandy. Çalyş han hem öten agşamka garanda, birneme ýigdelen ýalydy.
Balaja bagşy tamdyrasynyň kirşini gowşadan bolup, güýmenjiräp otyrdy.
Gelenler salamlaşdylar..
— Hany, by, işan aga görnenok-la — diýip, Adynageldi han haýkyryp sorady. Ýöne onuň sowalyna jogap beren bolmady.
Çowduryň inisi Atanyýaz ylgaşlap hyzmat edip ýörşüne, kündük bilen legen getirdi. Daşardaky ojakda atarylan gazandan

ýakymly ys gelýärdi.
– Mymanlar, tagama taýýar bolupdyr. Ursgat bolsa çekdiribermeli – diýip, Çowdur maslahat saldy.
– Hany, by, işan aga gelmedi-le? – diýip, Adynageldi han ýene-de öz sowalyna tutdy. Soňam degişme äheňinde: – Men, şuý, bagşym bilen işanym ýanymda bolmasa, heýç oňagan däldirin – diýdi.
Çowdur inisine gygyrdy.
– Inim, ýet, işan aga han aga aýagyny ýere degirmän gelsin diýýe diý – diýdi.
Işan gelenden soň nahar çekildi. Ýöne her kim nahardanam beter bagşynyň aýdym aýdaryna garaşýardy.
Işan aga hem goltugyna bir top depder gysdyryp alyp gelipdi. Olam bu gün özüniň namalaryndan okap berip, hanyň we myhmanlaryň alkyşlamasyny aljakdy. Şonuň üçin olam nahara beýle bir işdämen topulmady.
– Hany, han, bagşynyň elini göreýliň, bizem nesip bolsa, bu gün ugramakçydyrys – diýip, Gündogdy han elini ýuwup oturyşyna aýtdy. Onsoň hemmeleriň nazary bagşa gönükdi.
Balaja bagşynyň diýeni geldi. Ol ýüpekden işilen kirişlerini daşyna çaşyryp, ýüzüni kese-kese sowup, tolgunjyrap otyrdy. Onuň öten agşam aýtdyrmanlary üçin eden kinesi eýýäm dargapdy. Hälki! «Sesini barlalyň!» Diýip, göwnüýetmezçilik bilen garan adamlaryňam garaýşy indi üýtgäpdi.
Döwletmämmet molla aýdymyň beýle bir höwesgäri bolup duranokdy. Ol içinden «Aýdym-sazym özüme ýetik, indi allatagalanyň öňünde bihesret görünmäýin» diýip pikir edýärdi. Emma çagyrylan öýüňden, myhmanlaryn arasyndan sogrulyp ötägitmek hem gelşiksiz boljakdy. Şonuň üçin il deňinde garalyp otyrdy. ýöne welin häzirem özüne gelip bilenokdy. Inçejik gorky bilen Balaja bagşa garaýardy. Onuň ýene-de şol aýdymyny aýdaryndan gorkýardy.
Balaja bagşy ýüpek tarlary tykgyldadyp usullyk bilen çekip başlapdy. Ol nähilidir bir tanyş aýdymlary aýdýardy. Onuň aýdymlary oturanlardanam has beteri, Çowdura täsir edýän bora çemeli. Ol ýaşkiçilik edebini unudyp, özüniň içki duýgularyna bäs gelip bilmän, başyndaky gaba telpegini eline alyp,

bagşynyň jukguldysyna goşup ýere patladyp urýardy. Keçeden göterilýän tozana pitiwa edip durman «jan, jan!» diýip gygyrýardy.
Bagşy gyzýardy. Ol Görogly bolup, Agaýunus perä «Men Arslan baýyň gyzy Harmandälini guçup geldim, öpüp geldim. Aý, ýene pylan edip geldime diýip ýalan sözleýärdi. Bu hekaýaty bu oturanlaryň hemmesi diýen ýaly bilýärdi. Olar, misli özleriniň tanyşlaryna bagyşlanyp nama aýdylýan ýaly, keýpiköklük bilen aýdym diňleýärdiler.
Bagşynyň sesini eşidip, syrgynyň adamlary hem ýygnanyp başladylar. Bagşy barha gyzýardy. Ol her sapar aýdymyny soňlap, iki owurt ýyly suw içýärdi. Soňam:
— Haýsy aýdymy aýdaýyn? — diýip, Adynageldi hanyň ýüzüne garaýardy. Emma han agzyny gymyldadýança «pylan aýdymy aýt!» diýip, ýerli-ýerden gygyryşýardylar. Oturanlaryň içinde Çowdur hasam eýemsireýärdi.
— Hany, «Enänem» bir zowlat, bagşy — diýip, ol bu saparam gezegi özi aldy.
Balaja bagşy misli ganatlanan ýaly bolup dutara ýapyşdy. Onuň elleri, barmaklary kirşiň üstünde kebelegiň ganatlary ýaly bolup galgaýardy. Onuň özem nämedir bir zatdan joşgun alan ýaly, däli-porhan bolup göçýärdi.
Bu aýdymy bütin Hajygowşan ýatdan bilýärdi. Bu aýdym adamlaryň göwnüne owadan, hoşsyrat gyzy salman ýylgyranda ýaz ýaly ýakymly gözel ýigidi — Abdyllany salýardy. Megerem, Balaja bagşynyň özünem bagşy eden şu aýdymdy. Ol özüni ýitirip, bir wagtdan bäri ýüreklere ýara salyp, didaryna zar edip gözden gaýyp bolan ýigidiň adyndan «Enäni» taryplaýardy.

Wa-ah, Ene diýen saçy sary boý-ow,
Saçlary tamdyraň tary boý-ow,
Ter göwsünde goşa nary boý-o-ow
Men şu gün Enäni gördüm-boý-ow.

Çowduryň gözlerine ýaş aýlandy. Onuň gözüniň owasyny dolduryp duran damjalaryň arasynda Abdyllanyň mähriban didary dumanlap göründi. Ol yzylaýan, elendiriji ses bilen bagşynyň sesine ses

goşdy.

A-ah, Ene diýen owlak bakar ýar-eý,
Owlagynyň alny sakar-ýar-äý.
Her gülende oýnap-böker ýar-eý,
Men bu gün Enäni gördüm bo-eý.

Çowduryň hyjuwlanmasy myhmanlara-da täsir etdi. Olaram bagşynyň hoş owazyna humar bolup, onuň sazynyň owazyna goşup yranýardylar. Bu oturanlar özlerini unudýardylar.
Garry molla indi birneme ynjalypdy. Ol indi öňki ýaly tolgunmaýardy. Ol söýgüli perzendiniň owazynyň unudylmandygyna, adamlaryň omy eşrepi ýaly tutup, apalap bu güne getirendigine begenýärdi Ol oglunyň boý almadyk çynar ýaly omrulan ömri barada pikir etjek bolýardy. Emma oňa ynanmaýardy. Ata yhlasy ony gaýtaryp getiräýjek ýalydy. «Meniň yhlasym ony ahyr bir gün getirer, didaryny görmän gitsem görümde rahat ýatyp bilmen!» diýip, onuň aýaly Orazgül zarlap-zarlap aýdypdy. Emma ol görgüli arman bilen gözüni ýumdy. Indi onuň perişanlygy Garry molla-da ýetýän ýalydy. Ol Abdylla ýadyna düşende, soňky wagtlarda bozulýardy. Bu ýa-ha garrylygyň alamatydy, ýa-da hesretiň ýesirligine düşmekdi, ýa-da perzent didaryna suwsamakdy.
Aýdym tamam boldy.
— Indi haýsy aýdymy aýdaýyn? — diýip, Balaja bagşy humarlanyp gepledi. Ol indi gyzýardy.
— Haý, indi bes edip, dem-dynç alaýsaňam boljak — diýip, titreýän barmaklary bilen galyň depderi tutup oturan Seýit owşar işan az-kem nägilelik bilen aýtdy.
— Ýo-ok, bes etme bolmaz, hany, «Kepderini» aýt, «Kepderini»…
Adamlar bir-ä Çowdura, birem Balaja bagşa garadylar. Hemmeler Çowduryň teklibini goldady. Çünki öý eýesiniň islegini, ýaňy gyzyp başlan bagşynyň höwesjeňligini saklar ýaly däldi.
Balaja bagşy öňküdenem hyjuwlanyp, misli ýumak ýaly bolup tamdyra çalýardy. Çekilen ýüpek kirişler üýtgeşik owaz çykarýardylar. Mylaýym owaz, barmaklaryň gapaga degip, emele getirýän sesi, bagşynyň oňa goşup edýän hereketine «How!»

diýip goşulanyňy duýman galýarsyň.
Aýdym başlandy. Çowdur oturanlary täsin galdyryp, humar bilen yranýardy.

*«Eý ýaranlar, musulmanlar,*
*Gördüňler hökmi-daweri*
*Metjitde oturmuşdy,*
*Bir güw Murtaza Aly.*

Wa-ah, Arka bermiş mährab-a-a,
Ýüzün bermiş kitab-a-a,
Ulug-kiçig sahab-a-a, jan, eý,
Ýygylmyşdylar bar-ry-y-y, eý.

Soňra gökje kepderi uçup gelip, Ala salam berýärdi. Soňam arzyny aýdýardy.

«Seýr ederdim her ýana,
Şükür ederdim subhana
Isterem engam-däne
Elterdim äşýan sary…

Sen-sen dinim imanym,
Saňa gurban bu janym,
Pylan ýerde äşýanym,
Bäş çagam bar, ýa Aly, jan Aly, wah Aly.

Ol kepderi ýer-gögüň arasynda erkin gezip ýörkä bir laçyn ony görüp yzyndan kowýardy. Kepderi gaçdy, gelip Alynyň keremine mynasyp boldy. Şol pille laçyn çarp urup geldi. Ol Ala arzyny aýtdy:

«Şermende men gallajam,
Dermende men mähtäjem.
Bu gün üç gündür ajam.
Awum bergin, ýa Aly, jan Aly.

Sähralary awlardym.
Dag-daglary gözlärdim.

Bir kepderi kowlardym,
Gelipdir siziň sary, jan, sary, bow.

Aly gökje kepderini berip biljek däldi, ýöne üç gün bäri açlykdan surnugyp ýören laçynam boş goýberse däl. Ol hanjary alyp, ýanynyň etini kesmekçi boldy. Emma laçyn onuň golundan tutdy. Ol diýdi:

«Sag budumdan et berem,
Sen dileme kepderi…»

Laçyn bilen kepderi birden owaz etdiler:
«Kepder diýmäňler ony,
Laçyn bilmäňler meni,
Synamak üçin seni,
Gelmişdik sizin sary!..»

Oturanlar bagşynyň mylaýymdan belent owazyna, Alynyň keremine minnetdarlyk bilen gark bolupdylar. Bagşy aýdymyň ahyryny hasam dabaraly aýtdy.

Tamam boldy bu sözler,
Etseler gerek eser,
Magtymguly häkisar,
Şahy-merdan şägirdi..»

Bagşy aýdymyň ahyryny gaýtaryp, sazy bilen heňini ýygnady. Tamdyrasyny gapdalyna goýdy. Ýöne hiç kimden ses çykmady. Her kim guş-gumra rehim edip, öz etine döz gelýän Murtaza Alynyň rehimdarlygyna haýran galýardy. Bu aýdym her kime bir hili täsir edipdi.
Adynageldi han öz bagşysynyň täsin aýdym bilen myhmanlary haýran edýänine begenýärdi. «Olar meniň deňli-derejei handygymy äleme ýaýarlar» diýip oýlanýardy. Seýit owşar işan bolsa bagşynyň aýdymyny ahyr edişne begenip, özüne gezek gelenine garaşyp, uly tolgunma bilen dodaklaryny pyşyrdadýardy. Öwez aga allatagalanyň wekiliniň şeýle rehimdarlygyny, onuň hemme zady görüp duranyny bilip, özüniň zeýrenmeginden, näşükürliginden utanýardy. Şonuň üçin başyny

galdyrman, keçäniň güllerini aýalary bilen onaýsyz sypaýardy.
Bu aýdym myhmanlara diýseň ýarapdy. Eger mümkinçilik bolsa, olar bu aýdymy ýene-de diňlejekdiler. Ýöne aýdymyň ahyrynda «Magtymguly häkisar…» diýen kelama olar düşünmändiler. Ýöne ol barada känbir pikirem edenokdylar.
Garry mollanyň ýüregi welin düňk-düňk edip, kükregini toýnaklaýardy.
«Gep, mundan çykd-ow! Asyl Çowdur jan «Kepderini» aýt, «Kepderini» aýt!» diýip özelenýärdi, asyl beýle-beýle zatlar hem bar eken-ow!» diýip, hem begenýärdi, hem tolgunýardy.
Dymyşlygy Çowdur bozdy.
– Adamlar, aýdymy neneň gördüňiz? – Her kim Çowduryň ýüzüne söýünjisi bar ýaly garady. Her kim özüniň göwnündäkini orta atmak isledi. Ýöne Çalyş han hemmesiniň pikirini jemledi.
– Ömrüň uzak bolsun, bagşy, heýwere gawy aýdymmyşdyk. Sen soňurragam bu aýdymyny bir gaýtalap ber, gaýtmakak ýene-de bir diňläýli – diýdi.
Çowdur dyzyna galdy.
– Şu aýdymyň kyssasyny Garry mollanyň ogly Magtymguly jan ýazypdy. Şonuňam ömri uzak bolsun diýeweriň! Balaja bagşam oňaryp heňe salypdyr, onuňam ömri uzak bolsun!
Balaja bagşy minnetdarlyk bilen başyny göterdi.
– Garry molla aga, seniň ol ogluň ömri uzak bolsa eşitjegiňiz şunuň ýaly aýdym bolsun! Aý, ol, gudrat-la – diýdi.
– Kim ol? – diýip, işan bimazalyk bilen sorady.
– Magtymguly!
Işan göwnüýetmezçilik bilen başyny ýaýkady.
– Her öňýeten agzyny ýagşyzadalar bilen deňäp dursa, şerigat dargar. Her agzyna şeýtan siýeniň kyssasyny märekäniň içinde heň edip ýörmegem bagşylara hebesdir. Hawwa.
Işanyň bu pelsepesi oturanlara ýaramady. Ýöne hiç kimden ses çykmady. Hemmeler gabak astyndan Garry molla garaýardy. Garry molla sesini çykarmady. Onuň begenji özi bilendi. Ol oglunyň bu kyssasyna begenýärdi. Ondan razy bolýardy. Şonuň üçin ol işan bilen jedelleşjegem, oňa degerli tymsal bilen gaýtargy berjegem däldi. Ol ýerinden turdy. Onuň yzy bilen Gündogdy hanam, Çalyş hanam ördüler.

– Molla aga, nesip bolsa, bizem Çowdur handan rugsat dilesek diýýäs. Tüweleme, bereket bersin, sylag-hormatyňyzy, gadyr-gymmatyňyzy gördük. Hemmesi üçin taňryýalkasyn! Indem barşyma Hywa gitjek. Barmaly, goýmaly ýerler bar. Onsoň, ýaňky gurultaý meselesini görübiris – diýip, Gündogdy han Garry mollanyň gapdalyndan ýuwaşja ýöräp barşyna aýtdy. Garry molla Gündogdy hanyň salasyndan razy boldy. Ol uzak dymdy. Soňam ýuwaşja äheň bilen gürledi.
– Saňa-da taňryýalkasyn, ogul. Başymyza iş düşende göwnümi sorap, bilime kuwwat berdiňiz. Men seňem, Çalyş janyňam ataňyza beletdim. Tüweleme, olaryň ýumurtgasy palak çykmandyr. Size haýyr işde alla pena bolsun!
Eger-de Hywa barjak bolsaň, sag baryp, aman gel. Eger-de kyn görmeseň, senden bir towakgam bar. Meniň atamyň at dakylany, ortanjy oglum Magtymguly Hywa topragynda bolmaly. Eger nesibäň dartyp barsaň, şony gör, bizleriň halymyzy şoňa ýetir.
Gündogdy han känbir oýlanmady.
– Enşalla, ony hökman ýetiris. Eger-de iki agyz kelamnama iberseňiz onam elin gowşuryp bilerin – diýdi.
Bu teklip Garry molla-da ýarady. Ol kelamnama ýazyp, hal-ahwaly habar bermegi ýüregine düwdi.
Adamlaryň turup-turup gidibermegi Seýit owşar işana ýaramady. Ýeke özi oturmagy birhili görüp, onuň özem ýerinden turdy. Soň Garry molla bakan ýöneldi.
– Döwletmämmet molla, men-ä sen bir diňläp gör diýip azap reýgana galyp ýören. Şu ýagşy pursatda bizleriň yhlasymyz bilen kemal bolan kyssany bir tin edip körseňiz-ä ýagşy bolarty. Biziň synamyz, sünnümizden bolmasa-da, allatagala bolan yhlasymyzda ýagşylyk bardyr – diýdi.
Garry molla onuň sözleriniň manysyny elemedi. Häzir onuň kellesinde ogluna ýazyljak hatyň mazmunynyň suraty çekilýärdi. Ýöne ol sypaýyçylygy elden bermedi.
– Häzir, elime bir suw alaýyn, soň bararyn – diýdi.
Söwütleriň salkyn saýasynda gezmeläp ýören adamlaram, Garry mollanyň düşege geçenini görüp, oňa bakan ýöneldiler.
Myhmanlar jaýlaşansoňlar işan Adynageldi hanyň ýüzüne uly tamakinçilik bilen garady. Han gözlerini süzüp, «bolýar» diýen

manyda başyny atdy. Soňam az-kem öne dyzanaklady.
– Adamlar, Seýit owşar işan külli gökleňiň hurmatyna laýyk bolýan adam. Byý, atasynyň-babasynyň gurbany boldugymyň dileg-dogasy biziň alkyşymyzy allatagala ýetirip dur. Hurmatly işan agamyz, hudanyň buýrugy bilen bir kitaplyk hat ýazypdyr. Özem şalar-hanlar hakynda. Gelin, işan agadan towakga edeliň bizlere şol kitabyny okap bersin.
Hiç kimden ses çykmady. Garry molla howlukmaçlygyna garamazdan, özüni giňlige saldy.
– Mymanlar, ursgat berseler, diňläliň! – diýdi.
Myhmanlar «okasyn, diňläliň!» diýen manyda baş atdylar.
– Bisimilla, bisimilla – diýip, işan uzyn-uzyn dogalary üç mertebeden sanady. Soňra barmagy bilen tutup duran sahabyny açdy. – Hudaýtagala adama agyz we til beripdir. Onsoň gulak beripdir. Bu agzalary tiýmek, iýmek, tiňlemek üçin beripdir. Bizler iýýek, içýek. Emma ki akylly adamlar – hudanyň artyk gören gullary özleriniň artyklyk akyllaryny kitaba geçirip, allany wasp edip, onuň alnynda iki dünýesini gazanypdyrlar. Bizlerem, Ferdewsi, Pizuly, Nowaýy we hudanyň artyk gullary ýalak bir kitap ýazdyk. Ol kitap biziň türkmenlerimiziň içinde belent çyrag kimin ýanyp allatagalanyň hoşamatyna mynasyp bolup, Iskender Zülkarnaý kimin, külli äleme şa bolan Nedirguly jan şa hakynda.
Bizler bu kitabyň başyny ýazdyk. Indi ahyry galdy. Ol ahyram Nedirguly jan şanyň yzyny dowam etdiren şalar hakynda boljak. Häzir siz, allatagalanyň wekili bolup, ursgat berseňiz okyp berjek.
Ol misli birinden erbet çekinýän ýaly, egnini gysdy. Soňam başlap bilmän ep-esli durdy.
– Biziň sylagly mollamyz Döwletmämmet bir kyssa düzdi. Ol diýdi:

*«Baby awwal patyşanlar waspyny,*
*Ýary berse wasp eder ereppi gany».*

Bizler hem şu tabyrak başlamagy maglum biltik. Onda allatagalanyň penasynda, ehliňize Nedirguly işanyňky ýaly

abraý-at, baýlyk-şöhrat miýesser etsin – diýip başlaberipmen. Ýa bissimilla:

La Howla-billa, Nauzubillah,
La Howla-billa, Nauzubillah.
Öz penaňda saklagaý Allah.

Baby awwal Nedir janyň waspyny,
Ýary berse wasp eder men any.

Ol Allanyň muwaffaksyn alandyr,
Oňa til ýetirseň ömrüň talaňdyr.

Nedirjan bizleri arşa ýetirdi
Ol külli awşary arşa göterdi.

Anasy birle ol Buhara bardy,
Ança gassaplara boýnuny burdy.

Garyp-gasar oň üstünden güldi, heý,
Onuň ýüregine tagma saldy, heý.

Ol diýdi: «Sizlere görkezerin göz»,
Huda muaýidinde ol söz boldy düz.

Ol ýakdy gedanyň gözünde ody,
Soň ony tananlar ätdiler dady.

Ol ýene dolandy köne watana
Awyberde, oň üstünden ötene.
Soňra oňa han hatyny berdiler,
Külli türkmen gullugynda durdular.

Diýdiler: «Hanymyz bol bu gala.
Diýeniň ederis sal bizge sala».

Ol diýdi: «Diýenim bolmasa birdem,
Ondan soň arymy alar men sizden».

Ony han etdiler bir uly gala
Türkmeniň üstüne inmedi bela.

Emma birden geldi Tahmasdan çapar,
«Nedirjan gelmese göwnümi ýykar,
Gelse berem oňa oýa iki müň nöker.

Gelmese başyna kyýamat gopar,
Gelse ol bizlerden zyýapat tapar».

Nedir jan göwnüne geňeş salandyr.
Oň niýeti alla maglum bolandyr.

«Erenler geldiler berdiler pata.
Nedirjan gözlerin açypdyr ýalpa.

Emma görse iňlär siňek ýok eken.
Rowan bolsa gitjek ýoly ak eken.

Ol barypdyr Tahmas şaýyň ýanyna
Baş goýupdyr anyň gadam tozuna.

Hem-de onuň gullugynda durupdyr,
Nirä gitse hemra olup ýörüpdir.

Turany, owgany, azer ilini,
Gürjini, ermeni ýene nirini.

Güýç görkezip aýagyna ýykypdyr,
Soň tuguny industanda dikipdir.

Dürden, zümerretden şaýyn tutupdyr,
Altyn-kümşüň derýasyna batypdyr.

Hindiniň gyzlaryn gyrnak kylypdyr,
Onuň gelinlerini kylmak kylypdyr.

Hindiler dyzyna çöküpdir oňuň,
Hemmesi buýruga bolupdyr boýun.

Nedirjan baryna eýläpdir kerem,
Gyzy-gelinleri nökerne beren.

Soň gaýdypdyr owgan, yspyhan bakan

Atyny Jeýhundan suwlara ýakan.

Soň Hywa beginiň alypdyr başyn,
Öz damak ganyna boýapdyr aşyn.

Oglun olja, gyzyn ýesir edipdir,
Gyzy Nedirjana nesip edipdir.

Şeýdip gylyjyndan al gan döküpdir
Iliniň gözünde otlar ýakypdyr.

Dar gurdurup, göwreleri sallapdyr,
Nowça gyzlaň ter mämesin elläpdir.
Urup, paýhynlapdyr goýmandyr kemin,
Şeýdip hywalylaň beripdir emin.

Onsoň gaýdan parsy ile dolanyp.
Çarju bilen Börmä gelen ýollanyp.

Ondanam Maşada gelipdir göni.
Hudaýymyň nesip eýlegen güni.

Onsoň agyr galalary saldyran,
Onsoň etek galalary aldyran.

Parsynyň ilini güle çümdiren.
Parsylaryň aglanyny diňdiren.

Elýaglygny gyzyl güle batyran
Şa tagtynda perman berip oturan…

Onsoň bir gün çapar gelip uzakdan,
Gözel şaýa perman äkelen hakdan…

Işan has gyzýardy. Onuň inçeden ýakymsyz sesi durlanyp, ýüregiňi-bagryňy suwa dönderip barýardy. Gündogdy han çiň arkan düşüp, ýuwaşja hor çekýärdi. Goluny ýüzüne örtensoň Çalyş hanyň oýadygyny, ukudadygyny biler ýaly däldi. Öwez aga bilen Çowdur nämäniňdir gürrüňini edýärdiler. Nyýazsalyh mollanyň oturan orny boşdy. Diňe Adynageldi han dykgat bilen

kyssa diňleýärdi. Ol işanyň dilewarlygyna, tapan sözlerine haýranlar galýardy. Özi hakynda-da şeýle kyssanyň düzülmegini tama edýärdi.
Garry molla töweregine birlaý göz aýlandan soň, turmanyň çäresini gözledi. Emma häzir turmak uslyp däldi. Ýöne onuň takaty bu kyssany diňlemäge ýetjek däldi. Ol Nedir şanyň gamçysynyň bir ujuny dadyp, onuň il-güni nähili hesrete, ýowuz derde goýandygyny gaty gowy bilýärdi.
Nedir şa özüniň çadyrynda öldürilipdir diýende, ol allatagalanyň ýoluna aýat okap, talyplaryny üç gün okuwdan azat eýläpdi. Indi bu işanyň ol barada kyssa ýazyp, onam il-güne okap, bermesi onuň öňem ýarawsyz ýüregini demir penje bilen mynçgylaýardy. Ol beýle kyssany iliň-günüň könelişen derdini täzelemek hasaplaýardy. Çünki Garry molla üçin, «Nedir» diýmek, adalatsyzlyk diýmekdi. Nedir dünýäniň ýarsyna gan çaýkady. Onuň oduna köýmedik oba, gamçysyndan awunmadyk öý galmandy. Nedir iliň-günüň gargyşyna galypdy. Şol gargyş ony baýnatmady, gazananyny inine siňdirip ýaýnatmady.
Urşuň gowusy bolmaz, ol adamzada gelen towkudyr. Eger-de Ahmet Dürrany urşuň oduny öçüren bolsady, onda meniň oglanlarymam öýden-ilden ýat bolup gitmezdi. Ahmet Dürranam oturan iliň üstüne goşun tartyp gitjek bolsa, onuňam Nedirden tüzükligi ýok. Olam birniçäniň ganyndan törän derýada sal sürer. Onsoň Nedir bilen Ahmediň arasynda näme tapawhut bolsun!»
Seýit owşar işan sesini hasam batlandyrypdy. Ol indi Nediriň gürji, azeri illerini amana getirişi barada uly neşe bilen kyssa okaýardy:

*Gürjiniň daglary galkan-galkandy*
*Atlaryň, nökerleň için silkendi.*

Emma ki, Nedir jan Körogly
Owşar kowahadyndan bolan zor ogly.

Sekgiz gije, sekgiz gündiz ýatmady,
Nökerlerne ýeke sözem gatmady.

Ahyrym ýetdiler şähri Diýara,

Onuň hanlaryňy çekdirdi dara.

Ogluny otlara atdyryp basym,
Gyzyny gyrnak diýp, aldy hemmesin.

Ilini gul etdi, ýurdun tozdurdy
Garrylar gan eňräp ganlar gusdurdy.

Şeýdip gürjülerden aryňy aldy,
Azeri iliniň ýaryny aldy…

Döwletmämmet mollanyň ýüregi erbet gysdy. Ol dyzyny astyna düşek bolan synlaryny çekip aldy. Oňa çenli işanam kyssasynyň bir bölümini tamam etdi. Soň dünýä sygdyryp bilmeýän begenji bar ýaly, dişsiz agyzlaryny gelşiksiz gyşardyp ýylgyrdy.
– Dowlatmämmet, hany, sen bir baha ber bizleriň bu kyssamyza – diýdi.
Adynageldi han:
– Sen gömülgi ýatan şaýyr ekenin, işakym, mun- ça zatlary kitaba salyp bilsen, bizem nazaretiňden salmagyn – diýdi.
Garry molla bolsa bu gürrüňleri misli, eşitmedik bolup, ornundan galdy.
– Gündogdy han Hywa sapar etmekçi, bizem, oglumyza hata salyp dugaýy salam ibereli diýip, niýet etdik. Indi men turaýyn, öýle namazam boldy – diýip, ol özi bilen boýdaş bolan Çowdura ýüzlendi. Ýene hiç kim onuň göwnündäki närazylygy ýüzünden okap bilmedi.
Şol günüň ertesi Çowdur atyndan düşmän habaryny aýtdy. Garry molla bütin gijeläp diýen ýaly yhlas bilen ýazan namasyny Gündogdy hana gowşurdy. Soň atlylary Gökjegata çenli ugratdy.
– Alla ýaryňyz bolsun, ogullarym, ömrüňiz uzak, işiniz rowaç bolsun.
Garry mollanyň ak patasyny alan myhmanlar hoşamatlyk bilen ýola düşdüler?
Döwletmämmet molla misli ýüreginiň içinden bir zat sogrulan ýaly bolup, örän tukatlyk bilen myhmanlaryň yzyndan garap durdy. Onuň çöňňelep ugran göreçleri Çowduryň laçyn guş ýaly galkyjaklaýan al atyna dikilipdi. Öz ogullary bilen bileje

ösüp, indem ulys illeriň derdine ýarap biljek mert ogul, hem-de uzak bir ýerlerde dumana duwlanan ýyldyzlar ýaly öçügsi duýgy bilen süňňüne gurbat berýän mähriban çagalar, gözden gaýyp barýan myhmanlar, egnine agram salýan günler baradaky garyşyk duýgular ony ýerinden butnatmaýardy. Taryhy proza